# «Bereket basan deräni…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Bereket basan deräni…" *“Toýuny bezäp namardyň,
Ýanmak çemene galýandyr”.*
***B.Jütdiýew.***

Bereket basan deräni
Peleňi, şiri bezäpdir.
Buzgunç ysly şamar saçy
Ýassygyň ýary bezäpdir.

Ýamanyň toýuny ýanyp,
Gülleriň şasy bezäpdir.
Içurnuk bolup aglanlar
Şar gara ýasy bezäpdir.

Gamgyn güýzleriň jemalyn
Solaksy sary bezäpdir.
Sonar göwün jepakeşler,
Bir daban göri bezäpdir.

Boz towşanyň yzlaryny
Bir mysgal däri –bezäpdir.
Sahawat büren ärleri
Ýüregmiň töri bezäpdir.

Muhammetöwez ARRYKOW Goşgular